# Garynja

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Garynja GARYNJA




*A.Woznesenskä öýkünme*
Işi bilen hünübirýän
Bolup ýörkä bir garynja.
Tupan turdy, gaý turdy-da,
Ýere gar düşdi galyňja.

Azaşan garynja bilen
Ahyr gelip bir karara.
Bir gaýykda, bir haýukda
Geçdik sagdan sol kenara.

Kä ýerde darajyk derýa,
Käbir ýerde has inlidi.
Sol kenaram sag kenar deý
Garynjaly hem hinlidi.

Katolikler buddalaryň
Düşünmeýşi deý dinine.
Garynjalar garynjany
Goýbermediler hinine.

Sebäbi ol sag kenardan,
Bular bolsa çepdediler.
Sag kenarly garynjadan

Çepdäkiler çetdediler.

Şondan soňra ol garynja
Hasam berk guşap bilini.
Ýola çykdy gözlemäge
Özüniň ýaşan hinini.

Ol az ýöräp, ol köp ýöräp,
Döz gelip gaýdyr tupana.
Zordan aşdy sag kenara
Münüp bir inçe sypala.

Bir aýlap sergezdan bolup,
Ahyr dolandy iline.
Çep kenardan gelen diýip
Goýbermediler hinine. Goşgular